**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**
**TÜRKMEN DÖWLET MALIÝE INSTITUTY**

**TASSYKLAÝARYN**
**Rektor** ____________ **B.M.Taňryberdiýew**
«___» ___________ **2024ý.**

**2024-nji «PÄHIM-PAÝHAS UMMANY MAGTYMGULY PYRAGY» ýylynda Türkmenistanyň milli puly – manadyň dolanyşyga girizilmeginiň 31 ýyllygy mynasybetli ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň gatnaşmaklarynda «Ykdysadyýet» ugry boýunça geçiriljek VI internet bäsleşiginiň**
**D Ü Z G Ü N N A M A S Y**

**Hormatly Prezidentimiziň** baştutanlygynda ýurdumyzyň ylym-bilim ulgamlaryny has-da kämilleşdirmek boýunça durmuşa geçirilýän maksatnamalaýyn özgertmeleriň çäklerinde talyp ýaşlary kämil hünärmenler edip ýetişmek, olaryň nazary bilimlerini artdyrmak, amaly ukyp-başarnyklaryny ösdürmek maksady bilen, ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyp ýaşlarynyň arasynda «Ykdysadyýet» boýunça VI internet bäsleşigini geçirmek üçin şu Düzgünnama işlenip düzüldi.

Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasyndan ugur alnyp, Türkmenistanyň milli manadynyň dolanyşyga girizilmeginiň 31 ýyllygy mynasybetli guralýan bu bäsleşigiň esasy maksady talyplaryň özara gatnaşyklaryny ösdürmeklige, nazary bilimlerini çuňlaşdyrmaklyga, ukyp-başarnyklaryny has-da kämilleşdirmeklige gönükdirilendir.

## I. UMUMY DÜZGÜNLER

1.1. Şu Düzgünnama ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda «Ykdysadyýet» ugry boýunça VI internet bäsleşigini guramagyň we geçirmegiň tertibini kesgitleýär. Bu bäsleşik talyplaryň alan nazary bilimlerini berkitmek, ukyplaryny ösdürmek, şeýle hem olaryň özbaşdak işlemek endiklerini kämilleşdirmek maksady bilen geçirilýär.

1.2. Internet bäsleşiginiň maksady şu aşakdakylardan ybarat:

a) ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda işjeň gatnaşyklary emele getirmek, berkitmek we özara bähbitli maglumatlary alyşmak;

b) ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlarynyň we talyp ýaşlarynyň arasynda özara pikir alyşmalary guramak;

ç) ykdysadyýetde ýüze çykýan meseleleri seljermäge, derňemäge ukyplary we başarnyklary bolan ýaş hünärmenleri ýetişdirmek.

1.3. Internet bäsleşiginiň wezipesi şu aşakdakylardan ybarat:

a) döwrebap tehnologiýalary ulanmak arkaly ykdysadyýet ugruna degişli bolan nazary meseleleri çözmäge gyzyklanma döretmek;

b) zehinli talyplary ýüze çykarmak;

ç) talyplaryň arasynda mundan beýläk hem intellektual ösüşi üpjün etjek şertleri döretmek;

d) sanly maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalary arkaly ýokary okuw mekdepleriň özara aragatnaşygyny kämilleşdirmek.

## II. BÄSLEŞIGI GEÇIRMEGIŇ TERTIBI

2.1. Ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» mynasybetli «Ykdysadyýet» ugry boýunça geçiriljek VI internet bäsleşigini guramak we geçirmek boýunça umumy ýolbaşçylygy amala aşyrmak üçin Guramaçylyk topary döredilýär. Guramaçylyk toparynyň düzümi Türkmen döwlet maliýe institutynyň professor-mugallymlaryndan ybarat bolup, rektoryň buýrugy bilen tassyklanylýar. Guramaçylyk topary ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda bu internet bäsleşigini geçirmegiň esasy ýörelgelerini kesgitleýär hem-de ony guramak we geçirmek boýunça guramaçylyk işlerini alyp barýar.

2.2. Bäsleşik döwlet dilinde geçirilýär. Türkmen döwlet maliýe instituty tarapyndan **2024-nji ýylyň oktýabr aýynyň 25-ne sagat 15:00-da** online görnüşinde geçiriljek bäsleşige her ýokary okuw mekdebinden 35 ýaşa çenli 4 sany talybyň gatnaşmagyna rugsat berilýär. Gatnaşjak talyplar we olara ýolbaşçylyk etjek mugallymlar baradaky maglumatlar **2024-nji ýylyň oktýabr aýynyň 22-ne çenli** şu Düzgünnamanyň 1-nji goşundysyna laýyklykda bäsleşigi guraýan Türkmen döwlet maliýe institutynyň info@tdmai.edu.tm elektron poçtasyna ugradylmaly.

2.3. Bäsleşikde beriljek test soraglary maliýe hasabyna, dolandyryş hasabyna, makroykdysadyýete, sanly ykdysadyýete degişli bolar.

2.4. Bäsleşikde 50 sany test soraglary hödürlener. Her bir dogry test soragynyň jogaby 2 ball bilen bahalandyrylar. Bäsleşikde gazanyljak ballaryň iň ýokary mümkinçiligi 100 ball.

2.5. Bäsleşige gatnaşýan talyp test soraglaryny özbaşdak işlemelidir. Bäsleşigiň dowamynda gatnaşyjylara gapdalyndaky talyplar bilen maslahat etmek, kitap we beýleki maglumat göteriji serişdelerinden peýdalanmak gadagan edilýär. Ýumuşlar ýerine ýetirilýän mahaly kalkulýatordan peýdalanmaga rugsat berilýär.

## III. BÄSLEŞIGIŇ NETIJELERINI JEMLEMEK WE SYLAGLAMAK

3.1. Online görnüşindäki geçiriljek bäsleşigi guraýan Türkmen döwlet maliýe instituty tarapyndan bäsleşigiň netijeleri bu bäsleşige gatnaşýan talyplaryň ählisi test sowallaryna jogap berip gutaranlaryndan soňra internet sahypada yglan ediler.

Bäsleşige gatnaşýan talyplaryň işleriniň netijesi boýunça düşünişmezlik ýüze çykan ýagdaýynda bahalandyryş toparyna arz-şikaýat bilen talyplara ýolbaşçylyk edýän mugallym elektron poçta arkaly ýüz tutup biler.

3.2. Bäsleşigiň netijeleri şahsy we toparlaýyn hasapda hasaba alynýar. Şahsy orunlar testler boýunça toplanan ballaryň jemi boýunça kesgitlenilýär. Online görnüşindäki geçiriljek bäsleşikde şahsy hasap boýunça 1-nji, 2-nji, 3-nji orun alan ýeňijiler, degişlilikde I, II, III derejeli diplomlar bilen sylaglanarlar.

3.3. Toparyň eýelän orny bäsleşige gatnaşýan toparyň ähli gatnaşyjylarynyň ballarynyň jemi arkaly kesgitlener.

*BELLIK: Bäsleşigiň dowam edýän wagtynda şu Düzgünnamanyň düzgünlerini bozan gatnaşyjy talyp bäsleşige gatnaşýanlaryň hataryndan çykarylar.*

*Habarlaşmak üçin:*
*+99365651244 mob. uly mugallym Mämmedowa Ý.A.*
*+99363249950 mob. mugallym Saparmyradow T.A.*

*1-nji goşundy*

**2024-nji «PÄHIM-PAÝHAS UMMANY MAGTYMGULY PYRAGY» ýylynda Türkmenistanyň milli puly – manadyň dolanyşyga girizilmeginiň 31 ýyllygy mynasybetli ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň gatnaşmagynda geçiriljek VI internet bäsleşigine**

___________________________________________

**(ýokary okuw mekdebiň ady)**

**gatnaşýan talyplaryň we olaryň ýolbaşçy mugallymynyň**

**MAGLUMATY**

<table>
<tr><th rowspan="2">№</th><th colspan="3">Bäsleşige gatnaşýan talyplar</th><th colspan="4">Ýolbaşçy mugallym</th></tr>
<tr><th>Familiýasy, ady, atasynyň ady</th><th>Hünäri (taýýarlyk ugry)</th><th>Okaýan ýyly</th><th>Familiýasy, ady, atasynyň ady</th><th>Alymlyk derejesi</th><th>Alymlyk ady</th><th>Habarlaşmak üçin telefonlar we elektron poçtalar</th></tr>
<tr><td></td><td></td><td></td><td></td><td rowspan="4"></td><td rowspan="4"></td><td rowspan="4"></td><td rowspan="4"></td></tr>
<tr><td></td><td></td><td></td><td></td></tr>
<tr><td></td><td></td><td></td><td></td></tr>
<tr><td></td><td></td><td></td><td></td></tr>
</table>